# MAGTYMGULY-SÖZ SUNGATYNYŇ USSADY

Magtymguly Pyragy türkmen halkynyň nusgawy edebiýatynyň — milli şygryýetiň altyn eýýamynyň parlak ýyldyzydyr. Dana Pyragy müňýyllyklardan bäri hoşniýetliligi, parahatçylyk söýüjiligi, açyklygy, kalbynyň giňligi we jomartlygy bilen tapawutlanýan türkmen halkynyň synmaz edebi sütünleriniň biridir.Magtymguly Pyragynyň türkmen halkynyň durmuş pelsepesine öwrülen ajaýyp şygyrlary, öňe süren taglymatlary, öwüt-ündewleri we ýörelgeleri bu gün millionlarça adamlaryň aňyna, ýüregine hem-de duýgularyna örän oňaýly täsir edip, mertligiň we gaýduwsyzlygyň özboluşly şygaryna öwrüldi.

Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly: «Magtymguly Pyragy türkmen halkynyň taryhynyň iň çylşyrymly döwründe ýaşan, agzybirlik, garaşsyzlyk, özbaşdak döwlet gurmak ýaly beýik maksatlara öz döredijiligi bilen gulluk eden ynsanperwer şahyrdyr».Türkmeniň beýik ogly, ahlagy we ynsany sypatlary nusgalyk bolan, at-owazasy dünýä dolan Magtymguly atamyzyň paýhaslar ummanyna deňelen döredijilik ussatlygy barada öz döwürdeşlerinden başlap, häzirki günlere çenli dürli milletleriň akyldarlary, alymlary özleriniň ajaýyp pikirlerini beýan edip gelipdirler.

Özüni halkyň azatlygy we abadançylygy ugrundaky göreşe bagyş edýän, şonuň üçin hem panydaky durmuşy tamamlanandan soňra hem jemgyýetde öz işleri we pikirleri bilen ýaşaýan adamy Magtymguly akyldarymyz ynsanperwer şahsyýet hasaplapdyr. Şeýle şahsyýet ýokary we ähmiýetli maksatlara gönükdirilmede ýaşap, oňa ýetmek üçin islendik kynçylyklara we böwetlere dözmeklige we ýeňip geçmeklige taýýar bolmaly. Adalatly, hoşbagt durmuş ugrundaky göreş bilen baglanyşykly şeýle kynçylyga dözmekligiň hut özi ahlak edermenlik, ony amal edýän şahsyýet bolsa hakyky ruhy kämillik hökmünde öňe çykýar.

Magtymguly Pyragynyň agzybirlikde ýaşamak, Watany ak ýürekden söýmek baradaky arzuwlary Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary bilen, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň dowamaty bilen üstünlikli amala aşyrylýar. Döwletiň üstünlikleriniň esasy çeşmesi parahatçylyk we agzybirlik bolup durýar. Magtymguly Pyragy türkmen halkynyň durmuşyndaky öçmejek yz goýan beýik akyldar bolup, tutuş adamzat beýik filosofyň we ynsanperwer şahyryň döredijiligine uly hormat goýýar.

**Suraý GÖKIÝEWA**
**Daşoguz agrosenagat orta hünär**
**okuw mekdebiniň mugallymy**

Все права защищены

22.11.2024